# Ýagmyr şahyr

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýagmyr şahyr ÝAGMYR

Ýagmyr XIX asyr türkmen edebiýatynda özboluşly yz galdyran şahyrlaryň biridir. Ondan köp bolmasa-da liriki şygyrlaryň birnäçesi gelip ýetipdir.
Ýagmyryň terjimehalyna degişli maglumat az saklanypdyr. Bar maglumata görä, ol häzirki Kaka etrabynyň territoriýasynda XIX asyryň orta gürplerinde ýaşap geçipdir. Şahyryň goşgularynda onuň ady Ýagmyr, Gul Ýagmyr, Mestana Ýagmyr diýen ýaly görnüşlerde gelýär. Ýagmyryň eserlerinden we käbir maglumatlardan onuň Mätäji bilen bir döwürde ýaşap geçendigi belli bolýar. Bir rowaýata görä, Ýagmyr Köşi obasyna gezelenje gelipdir we Mätäji bilen goşgy hem aýdyşypdyr.[1] Mätäjinin tapmaça görnüşindäki «Kaýsydyr» şygry onuň Ýagmyr bilen duşuşanda güýç synamakdan ötri beren soragydyr.
Ýagmyryň Garaoglan hana bagyşlap ýazan odalarynyň bolmagy hem onuň ýaşan döwrüni bilmäge ýardam edýär. Garaoglan han 1857-nji ýylda ölüpdir. Ol ençeme ýyllap Ahalyň hany bolupdyr.
Ýagmyr öz döwrüniň zehinli şahyrlarynyň biri bolupdyr. Ýagmyryň buharaly Faýyky diýen şahyr bilen aýdyşan goşgusy-da bar.[2] Faýyky hem ýörite Garaoglan hana bagyşlap şygyr ýazypdyr. Şygyrdan mälim bolşuna görä, Faýyky Garaoglanyňka myhmançylyga gelipdir, şol ýerde-de Ýagmyr bilen duşuşyp, goşgy aýdyşypdyr. Garaoglanyň oturymly mekany-da Ýagmyryň ýaşan ýeri bolan Kaka töwerekleridir. Umuman, Ýagmyr döwürdeşleri, galamdaşlary bilen aragatnaşyk saklan şahyr.
Ýagmyryň terjimehaluna degişli başga maglumat ýok. Şu ýerde Ýagmyr sopy atly şahyryň bolandygyny-da ýatlamak gerek. Ol Gyzyletrekde önüp-ösüpdir. Ýagmyr sopynyň dürli temadaky şygyrlarynyň birnäçesi TYA-nyň golýazmalar fondunda saklanýar.[3] Onuň şygyrlary Gul Ýagmyryňkydan tapawutly. Şol şygyrlaryň hemme ýerinde awtoryň Ýagmyr sopudygynyň

görkezilýändigi bulaşyklygyň bolmazlygyna ýardam edýär. Ýagmyrdan galan miras uly däl. Şeýle bolansoň, onuň tematikasy-da çäkli. Emma şol sanlyja eserlere şahyryň edebi mirasynyň hemmesidir diýmek bolmaz.
Ýagmyr şahyr halk arasynda, ilkinji nobatda, söýgi temasyndaky eserleri bilen tanalýar. Çünki ol eserler çeperçiligi, original mazmunlylygy bilen köpçüligiň göwnünden turup, söýgüli halk aýdymyna öwrülipdir. Şahyryň «Çoh derde goýan ýarym» atly goşgusyny muňa mysal edip görkezmek bolar.
Öz döwründe Ýagmyryň öwgi goşgularynyň – odalarynyň hem käbiri köpçüligiň arasyna giňden ýaýrapdyr. Şahyryň odalary häzirki döwre, esasan, golýazmalar arkaly gelip ýeten bolsa, söýgi lirikasy dilden, arkaba-arka ýatda saklanmak ýoly bilen ýetişipdir.
«Çoh derde goýan ýarym» bäşlemesi ideýa-mazmunlylygy, labyzlylygy, obraza baýlygy, içki joşgunynyň güýçlüligi boýunça original eserleriň biridir. Bu goşguda ritmliligiň berkligi, belli bir ýerde säginmäniň gaýtalanmagy onuň saza laýyk gelip duran aýdym kybap eser bolup çykmagyna eltipdir. Şygryň mazmunynda hakyky söýginiň beýany ýatýar. Onda türkmen edebiýatynyň progressiw däpleri özboluşly we hertaraply dowam etdirilip, ynsana mahsus bolan söýginiň güýçlüligi barada açyk pikir ýöredilýär. Bu bäşlemeden bir bent mysal:

Men aşygyň owaldan, sen söýgüli dildarym,
Salsaň gulak aýdar men halymny beýan ýarym.
On barmagyň gyrmyzy, ganymga boýan ýarym.
Bag içre Ýusup geldi, almazmyň hyrydarym?
Men ejizi biçäräň, çoh derde goýan ýarym.[4]

Ýagmyryň «Şişe köňlüm» dörtlemesi:

Suwda dörän hyşa kimin,
Müşk salynan çüýşe kimin,
Ne degip sen daşa, köňlüm.[5] –

diýen setirler bilen başlanyp, onuň dowamynda, esasan, şahyryň söýgi hakdaky içki joşguny we hasraty ýüze çykarylýar. Beýleki

goşgularynda bolşy ýaly, bu şygyrda hem söýgi sebäpli köp horluk çekilýändigi aýdylýar. Şahyr kyrk ýaşa ýetip, göwnüniñ çöküp başlandygyny-da mälim edýär.
Ýagmyr şahyryñ Garaoglan hana bagyşlap ýazan iki öwgi goşgusy bar. Şonuñ biri biri Magtymgulynyñ Britan muzeýinden getirilen golýazmasynda hem ýerleşdirilipdir.[6]
Faýyky bilen Ýagmyryñ adyna gelýän bir aýdyşygyñ öñünde «Sowal Faýyky» — «Jogap Ýagmyr» diýen düşündiriş berlipdir. Aýdyşyk uzak bolup, onuñ mazmuny, esasan, tebigata — dag-derýa, ýer-toprak we ş.m. zatlara degişli, astronomiýa — Aý, Gün, ýyldyzlar, bulut, ýagyş, şol sanda dini düşünjeler hakda sorag-jogap berilýär. Mysal üçin, sowal-jogabyñ dowamynda ýyl we onuñ dört pasly, her pasylda üç aý bolup, her aýyñ otuz günden ybarat bolşy meñzetmeler arkaly beýan edilipdir.
Faýykynyñ kimdigi açyk belli bolmasa-da, onuñ buharalydygy şygryndan mälim. Onuñ goşgulary sada we düşnükli. Galyberse-de, şahyr türkmenleriñ durmuşyna belet.
Ýagmyr şahyryñ:

Ýa halyky Züljelal, bendän tile düşgeýmu?
Dart gökge tanapymny ilden-ile düşgeýmu?
Magryp bile maşrykga sagdan-sola düşgeýmu?
Duşman öýge gulgula hem zenzele düşgeýmu?
Her bendäniñ istäni, ýa Reb, ele düşgeýmu?
Geç ýazygym, ýa Jepbar, janan gola düşgeýmu?[7]

— diýen bent bilen başlanýan ýedilemesinde öñe sürülýän pikir anyk bolmasa-da, köp rowaýatlaryñ mazmunyna degişli gyzykly gürrüñler bilen baglanyşdyrylandygy üçin, ol belli bir derejede estetiki lezzet berýär. Köp kitaplaryñ, dessanlaryñ mazmunyndan şahyryñ peýdalanyp bilmegi onuñ sowatly bolandygyna şaýatlyk edýär. Ol ýörite ýokary okuw jaýyny gutarmasa-da, okap we ýazyp bilmegi başaran adam bolupdyr.
Ýagmyr şahyr şygyr tehnikasyna ökde. Dürli goşgy formalarynda öz pikirini ussatlarça beýan etmegiñ hötdesinden gelipdir. Bu bolsa onuñ XVIII-XIX asyr türkmen edebiýatynyñ däpleri bilen tanşyp, şol däpleri özleşdirendigini görkezýär.

A.Çarygulyýewa,
filologiýa ylymlarynyñ kandidaty.

---

[1] Inw. 61.

[2] Inw. 793-a

[3] Inw. 1938.

[4] Inw. 793-a.

[5] Şol ýerde.

[6] Inw. 1279.

[7] Inw. 895. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly